# Köneürgenjim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Köneürgenjim ■ Köneürgenjim

Ata mekanym diýilip,
Söýülip
Juda söýülip,
Belent başyma goýulan,
Göwher täjim, Köneürgenjim.

Eşdilip geçmişiň ýaňy,
Gördüň Çingiz, Teýmirleňi,
Minarasy beýik diňi,
Bir buýsanjym, Köneürgenjim.

Batyr Aly äriň ýurdy,
Ýusup-Ahmet şiriň ýurdy,
Üçýüzaltmyş piriň ýurdy,
Tagzym sejdäm, Köneürgenjim.

Ýada salsam ýekän-ýekän,
Ýatyr munda ýedi arkam,
Sen köňlümde ata mekan,
Göz guwanjym, Köneürgenjim.

■ Gadymy galalar

Geçmişiň ýaňyny süňňünde saklap,
Dymyp otyr munda gadym galalar.
Ajap arzuwlary köňlümde bekläp,
Men olaň gaşyna barýan salama.

Seleňläp,
Seňňerläp belent diwarlar,
Buýsanç bilen gysyp gerdenlerini.
Wagtyň gazabyndan eýmenmän durlar,
Äleme şan edip merdemligini.

Üstünde şemallar eýleýär owaz,
Geçip giden nä heňňamlar, nä zaman.
Ýykylyp-ýumrulan diýmeseň biraz,
Mertlik bilen durlar ahyr mizemän.

Sap-sap bolup gelen sansyz ýagynyň,
Sarsman durup darkaşyna döz gelen.
Örki deýin,
Durky deýin Zeminiň,
Bu gün ynha hakydamda çözlenen-

Gadymy galalar-mertlik nyşany,
Geldi size maňlaýymy diräsim.
Bu bagtyýar döwrüň mertebe-şany,
Sizde jemlenipdir gadym mirasym.

■ Nejmeddin Kubra

Gadymýete nazar aýlan hyýalym,
Ýene alyp gitdi darkaşly döwre.
Döş gerip gorapdyr dogdyk Diýaryn
Ulug pirleň piri Nejmeddin Kubra.

Gürgenç galasyny gabap ýatan ýow,
Mertligine haýran galýar bu halkyň.
Dört tarapdan lowlasa-da ot-alaw,
Mertleň ruhy tug deý galkyp dur, galkyp.

Ýurt başa täç etdi gerçek ogluny,
Ala meýdan çaýkananda al gandan.
Watan üçin jan bermäge howlugyp,
Pirden pata aldy gadym pälwanlar.

Gollarynda gylyç, şir kimin bolup,
Gaýtdy Kubra ganymlaryň üstüne.
Haşamly tuguny golundan alyp,
Depeledi, saldy aýak astyna.

Arman…

Gurban boldy penjesin gysyp,
Penjesinde basybaljyň baýdagy.
Kubraň barmaklaryn bir-birden kesip,
Baýdagyny yza alypdyr ýagy.

Gözde Watan keşbi müdimi doňan,
Din üçin jan berip şehit bolupdyr.
Hatda jany tenden çykandan soňam,
Ol duşmana garşy durup bilipdir.

Gorapdyr Watany
Dini-imany,
Şanly ömri meňzeş aýdyma-şygra.
Öz döwrüniň iň gaýduwsyz ynsany,
Mertligiň nusgasy Nejmeddin Kubra.

Sylapberdi MUHAMOW. Goşgular